# Suw

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Suw SUW



Akar suwuñ aýdymyny diñle sen,
Onda ýaşaýyşyñ mukamy bardyr.
Hakyñ jemalynyñ waspyn söýleseñ,
Hak saña ömrüñde hemişe ýardyr.
Damjalar gök şahalara gonanda,
Gözel göwnüñ guşa dönüp galkynar.
Synla, halha, goş ýazdyrýar bulutlar,
Ýaga-ýaga ak alkyşdan ýalkanar.

Bu mele topraga rysgaldyr ýagyş,
Ol – dirilik, ömürlere – badalga.
Gyş garaşan dal-daragta ol aýyş,
Eşret berýär,
Galar ýaly ýadynda.

Suwda – gudrat,
Suwda – barlyk, ömür bar,
Suw – ynsanyñ ýaşaýşynyñ güwäsi.

Aýdýar onuñ baky mukaddesligin,
Suw üstünden öwsen bahar howasy.

Enejan HANGULYÝEWA. Goşgular